# Nedir şanyñ täsin ykbaly

Category: Goşgular,Kitapcy,Söhbetdeşlik,Sözler,Taryhy makalalar,Taryhy şahslar,Türkmen dili
написано kitapcy | 24 января, 2025
Nedir şanyñ täsin ykbaly NEDIR ŞANYÑ TÄSIN YKBALY




Gadymy Gündogarda her ynsana dünýä inende dakylýan ýa-da görkezen şahsy edermenlikleri üçin soňra berilýän at-lakamlar şolaryň ykbalyna hökman täsirini ýetirýär diýen düşünje rowaç

bolupdyr. Belki bu Nedir şa babatda hem şeýledir. Çünki «Nedir» sözi «seýrek, meňzeşi ýok» ( نـــــــادر arapça: Nadir; parsça: Nader) diýen manylary berýär. Ykbaly – gören görgüleri, çeken hupbatlary, täleýiniň Göge göterilişi, Hywa bazarynda ýigrimi apbasa geçmedik bendiniň birnäçe ýyllardan soňra dabarasy dag aşan, demi bilen goňşy döwletleri titreden hökümdara öwrülmegi, dogrudanam, juda täsin we seýrek duşýan hadysa. Taryhy çeşmeler birin-birin öwrenildigi saýy öň bize mälim bolmadyk birnäçe maglumatlaryň üsti açylýar. Hut şonuň üçinem taryhy şahslar hakynda taryhçy alymlaryň pikirleri bilen tanyşmak şol döwürleriň wakasyna has giň gözýetim bilen garamaga mümkinçilik berýär.

***

Islendik taryhy şahsa onuň öz ýaşan döwri bilen baha bermeli. Nedir şa babatda-da şeýle. Onuň ýaşan XVIII asyry çylşyrymlydy, gowgalydy, halkara gatnaşyklarynda dünýä hökümini ýöretmek ugrunda özara bäsdeşlige giren iri döwletleriň arasynda diňe öz bähbidini goramak üçin başlan jeň-dawalarynyň, uruşlarynyň adaty zada öwrülen zamanasydy. Nedir şa mongol çozuşlarynyň zarbasyndan soň öz ata Watanynda döwletsiz galsa-da, dünýäniň çar künjüne ýaýrap, mekan tutan ýerlerindäki döwletlerde uly orun alan, hatda olaryň birini öz neberesi owşarlaryň adyny goýan imperiýany dolandyrmak ýaly agyr kysmaty öz gerdenine alan beýik şahsdy.

Nedir şa örän köpgyraňly hem çylşyrymly şahs. Ol hakda dürli döwürde, dürli dillerde, dürli matlap bilen ýazylan işler az-küş däl. Taryhy juda gowy bilen, ondan hemişe ybrat alan bu şahsyň öz köşgündäki möwritnamaçylar üçin, elbetde onuň ady öwlüp arşa çykarylsa-da, ykbalynda onuň köşgünde ýaşamak nesibesi çeken ýewropaly awtorlar onuň adalatyna, eden oňyn işlerine göz ýumup bilmändirler. Ermeni, gürji dindarlary bolsa Nediriň syýasatda dini oňşuklylyga artykmaçlyk berendigini, gaýry dini-ygtykatdakylaryň ynanjyna hormat goýandygyny gypynç etmän ýazypdyrlar. Onuň döwrüne, ykbalyna ýüzlenen awtorlar Nediriň türkmendigini, türkmençiligi gowy görendigini hiç gizlemändirler. Gaýtam, ony güberçekledip, öňe çykarypdyrlar. Nedir şanyň berk düzgün-tertibi gowy

görendigini, hatda bu babatda ogullaryny hem aýap goýmandygyny, hetden aşan müňlerçe adama mynasyp temmisini berendigini ýaşyrmandyrlar. Elbetde, beýik serkerde hökmünde onuň ýakyn-u-alysdaky onlarça döwletleriň ençemesiniň üstüne guran harby ýörişlerini hem jikme-jik beýan edipdirler.
Biz turuwbaşdan, Nedir şa hakda maglumatlaryň şeýle bollugynda üns berilmedik bir hakykata üns çekmekçi bolýarys – ol hem dünýäniň çar künjüne ýaýran türkmeniň diňe Hindistandan Osmanly diýaryna çenli aralykdaky bölegini öz ýolbaşçylygynda döredilen türkmenleriň Owşar neberesiniň imperiýasynyň baýdagynyň astynda birleşdirmekçi bolandygy baradaky hakykatdyr. Döwrüniň çylşyrymly geosyýasy şertlerinden oňat baş çykaran syýasatçy, beýik strateg, ussat diplomat hökmünde Nedir şa şol döwletde gelip çykyşyna, diline, dini ygtykadyna, uýýan mezhebine, medeniýetine garamazdan, ähli halklaryň, halkyýetleriň, milletleriň arasynda raýat ylalaşygyny gazanmagy maksat edinipdir. Türki gelip çykyşly halklary özara raýdaşlyga gol berip, bir baýdagyň astyna jemlenmäge çagyrypdyr.
Ýokarda aýdylanlara göz ýetirmek üçin türkmen taryhynda uly yz galdyran meşhur şahs Nedir şanyň ykbalynyň pursatlaryny inçeden yzarlalyň. Taryhy eserlerdäki maglumatlara görä, Napoleon Bonapart hem Nedir şa meňzemäge çalşypdyr. Çünki özüniň dünýä gelmeginden 33 ýyl öň tagta çykan we şa täjini geýen, Aziýanyň jümmüşinde ägirt uly türkmen imperiýasyny döreden Nedir şanyň şöhraty beýik fransuzy haýrana goýupdyr. Özüne «imperator» derejesini alan Napoleon harby ýörişlerinde Gündogaryň gylyjy bolan beýik Nedire meňzemäge ymtylypdyr. Hatda Eýran şasy Fethaly Gajara ýazan hatynda özüni täze Nedir şa diýip hem atlandyrypdyr. Munuň özi Nedir şanyň döwleti dolandyrmakda, harby sungatda, diplomatiýada Täze eýýamyň Ýewropasy üçin hem nusga bolandygynyň subutnamasydyr.
Başda bellenilişi ýaly, Nedir şa türkmenleriň Owşar dinastiýasynyň dolandyran döwletini esaslandyryjy. E.Takker «Nedir şanyň döwründe din we syýasat», M.S.Iwanow, «Eýranyň taryhyndan oçerkler» atly kitaplarynda owşarlaryň Horasana Ysmaýyl şa Sefewi tarapyndan Azerbaýjandan göçürilip,

Abiwertden Merwe çenli aralykda Buhara we Hywa tarapdan geljek çozuşlardan goranmak üçin serhetýaka gorag zolagynda ýerleşdirilendigini ýazýarlar. Owşarlaryň kyrkly (garakly) tiresinden bolan, hakyky ady Nedirguly 1688-nji ýylda Abiwerdiň Kelat etrabynda (häzirki Deregeziň golaýynda) eneden doglupdyr. Ýaňy murty taban ýaş ýetginjek wagty 1704-nji ýylda ýesir düşüp, Hywada ejesi bilen dört ýyllap gul bolmagyň ezýetini çekipdir. Türkmenistanyň Kaka etrabynda häzirki wagtda hem Hywaabat atly oba we çeşme bar. Akademik W.W.Bartold Eýran şasy Nediriň 1740-njy ýylda Hywa çozuşyndan soň ol ýerdäki 4000 sany ýesiri boşadyp, olary şu ýere göçürip getirendigini hem-de olar üçin gala saldyrandygyny ýazýar (В.В. Бартольд. Соч., т. 3. – М., 1965, – С. 133.). Galanyň ady «Hywadaky bendilikden halas bolunmagynyň hatyrasyna bina edilen gala» diýen manyny berýär. Bu gala Nedir şanyň baş karargähi bolan Kelaty demirgazykdan edilýän çozuşlardan gorap saklamak üçin salynýar (Soltanşa Atanyýazow. Türkmenistanyň geografik atlarynyň düşündirişli sözlügi. –Aşgabat, 1980 ý. – 295 s.). Kaka etrabynda (Hywaabatda) Nedir şa öz ady bilen bagly Nedirgalany saldyrypdyr.
Nedir şa ýigit çykan çagynda ugurtapyjylygy, batyrlygy we erjelligi mynasybetli Abiwerdiň häkimi Baba Aly begiň serkerdebaşysy bolýar. 26-27 ýaşlarynda (1714 – 1715 ýý.) Horasanyň demirgazyk serhetlerini goramakda görkezen aýratyn hyzmatlary üçin Yspyhana – sefewi şasy Soltan Hüseýin I-niň huzuryna çagyrylyp, şanyň 100 tümen sylagyna mynasyp bolýar. Nedirguly 27 ýaşyndaka Abywerdiň häkimi Baba Aly begiň Göwherşat atly gyzyna öýlenýär. Ondan Ryzaguly atly ogly bolýar.
Nediriň täsirli we kuwwatly serkerde hökmünde harby-syýasy sahnada peýda bolmagyna sebäp bolan wakalar goňşy döwletdäki gilzaý taýpalarynyň (owgan halaçlary) XVIII asyryň 20-nji ýyllarynda Eýranyň köp ýerlerini basyp almagy bilen baglanyşyklydyr. Sefewi patyşasy Tahmasp II olara garşy göreşi guramagy başarmandyr. Sebäbi, sefewiler şol bir wagtda Osman döwleti bilen hem uruş alyp barmaly bolupdyr we munuň özi güýçleriň dagynyklygyna getiripdir. Osmanlylar 1726-njy ýylda

Tahmasp II şanyň golastyndaky birnäçe ýerleri basyp alypdyrlar. Ine, şu agyr pursatda 38 ýaşly Nedirguly Tahmasp II-niň gullugyna durupdyr. Şa serkerdesi hökmünde Nedir gilzaýlara garşy durmak üçin owganlaryň kuwwatly, köpsanly abdal taýpalaryny goldapdyr. Bir ýylyň içinde ol Kur, Horasan, Mazenderan, Ýezd, Kerman, Seýistan welaýatlarynyň häkimi bolupdyr hem-de Nihawendi we Hemedany-da eýeläpdir (1727 ý.). Netijede, Nediriň serkerdeligi astynda sefewi goşuny 1730-njy ýylyň ahyryna çenli owganlary we osmanlylary doly ýeňmegi başarypdyr. Şol ýylda Töwriz hem Nediriň eline geçýär. Bu harby üstünlikler Nedirgula abraý getiripdir we ol şa Tahmasp II-ä sözi geçýän adama öwrülipdir.
1730-njy ýylda Nedir Osman döwletine öz adyndan hat ýazyp, basylyp alnan ýerlerini yzyna gaýtarmagyny talap edipdir. Malaýer söweşinde 30 müň adamly osmanly goşunyny ýeňip, Günbatar Eýranyň üstünden gözegçiligini ýola goýupdyr. Nedir ýesir düşen osman serkerdelerini ýaraşyk baglaşmak teklibini soltana ýetirmek üçin Stambula ýollapdyr. Tahmasp II Nedirgulynyň gazanan ýeňişleriniň netijesini ýerlikli ulanmagy-da başarmandyr. Ol Osman imperiýasy bilen gepleşiklerde özüniň ýeňiji tarap bolandygyna garamazdan, 1731-nji ýylda osmanlylaryň talaplaryna razy bolup, degişli şertnama gol çekipdir. Emma Nedirguly bu şertnamany ykrar etmeýändigini aýdyp, onuň baglaşan şertnamasyny biabraýçylykly hasaplap, ony güýjüni ýitiren ylalaşyk (denonsirlenen) diýip jar edipdir. Nedir güýç toplap, 1733–1734-nji ýyllarda Gündogar Kawkazy osmanlylaryň ellerinden yzyna alypdyr. Nedir Şemaha baryp, şol wagt patyşa Russiýanyň tabynlygynda bolan Bakuwy we Derbendi bermegi talap edipdir. Gazaply diplomatiýanyň netijesinde, Nediriň ultimatumyny kanagatlandyrmaga mejbur bolupdyrlar.
Käbir maglumatlara görä, Nedir şanyň Hazaryň tutuş daş-töweregini eýelemek meýilleri hem bolupdyr. Munuň üçin iňlis harby maslahatçylarynyň ýardamy bilen 1743-nji ýylda Hazarda harby-deňiz flotiliýasyny döretmäge-de girişipdir. Beýik Pýotryň döwründen bäri Russiýa güýçlerini bu sebite jemlese-de, Nedir bilen ruslaryň arasynda uruş bolmandyr. Rus

goşunlarynyň Hazaryň günbatar kenaryny söweşsiz goýup gitmegi, elbetde, Nediriň diplomatik ussatlygynyň netijesidi. Şeýlelikde, Azerbaýjanyň häzirki çäginiň köp bölegi söweş zerarly tozdurylmakdan halas bolupdyr.

Nedir 47 ýaşynda (1735 ý.) osmanlylara garşy Arpaçaý söweşinde üstün gelmek bilen Genjäni, Tiflisi, Rewan galalaryny gaýtaryp alýar. 1736-njy ýylda Eýran bilen Osman döwletiniň arasynda ýaraşyk şertnamasyna gol çekilýär. Ýeri gelende bellesek, Nedir şa Osman imperiýasynyň dünýädäki kuwwatyna mynasyp baha beripdir. 1736-njy ýylda osman köşgüniň beýik wezirine ýazan hatynda Nedir şa tagtyny «türkmenleriň asylly halkynyň mirasdar mülki» (mawrusi-ye il-i jalil-i turkman) diýip atlandyrypdyr. Munuň özi bolsa osman türkmenleriniň mirasynyň indi Eýranyň şa tagtynda dowam edýändigini aňladýardy. 1741-nji ýylda osman soltany Mahmyt I-ä ýazan hatynda bolsa ol hindi tagtynda Muhammet şany diňe onuň türki gelip çykyşlydygy üçin galdyrandygyny ýazypdyr. Mogollara, osmanlylara we özbek hanlaryna ýazan soňky hatlarynda Nedir şa umumy türki kökden gaýdýandygy üçin, olary özara ýygjam gatnaşykda bolmaga çagyrypdyr. Taryhçy Öwez Gündogdyýew şondan soň Nediriň Osman döwleti bilen dostlukly gatnaşyklary saklandygyny ýazýar. 1747-nji ýylda, ýogalmazynyň öňýanynda Nedir şa özüniň Hindistandan alyp gaýdan tylla tagtyny Osman soltany Mehmet I-ä parahatçylygyň nyşany hökmünde iberipdir. Bu tagty äkitmek we gowşurmak wezipesini öz ilçisi Mehdi hana tabşyrypdyr. Bu sowgat häzir Stambuldaky Topgapy saraýy muzeýiniň 3-nji otagynda saklanýar.

Nediriň 1732-nji ýylda Bagdada ýöriş edip, ony basyp almagy Tahmasp II-niň halys gowşap, abraýdan düşmegi bilen gabat gelipdir. Şol ýylyň özünde Nedirguly ýerli hanlaryň we serdarlaryň geňeşini çagyrýar. Bu geňeşde Tahmasp II tagtdan aýrylmak bilen, onuň entek 8 aýlyk ogly Apbas III şa diýlip yglan edilýär. Netijede, Nedir 1732–1736-njy ýyllarda Apbas III-niň adyndan Eýrany dolandyrýar.

Nedirguly Sefewiler şanesliniň möwritini ötürendigini duýup, 1736-njy ýylyň ýanwar–aprel aýlarynda Eýranyň Mugan çöllüginde gurultaý geçiripdir. Gurultaýa dini, harby, taýpa, ýerli

ýolbaşçylar çagyrylypdyr. Gurultaý şeýle bir köp adamly bolupdyr welin, onuň boljak ýerinde 12 müň sany çadyr dikilipdir. Hatda ol ýerde göçme metjitlerdir hammamlar hem gurlupdyr. Gurultaýa 20 müň çözüji sesli wekil, oňa gatnaşyjylara hyzmat etmek üçin getirilen adamlary hem hasaplanyňda, jemi 100 müň adam gatnaşypdyr. Gurultaýda Nedir şeýle mazmunda söz sözläpdir: «Köpiňiziň menden nägilediginizi gowy bilýän. Elbetde, siz hem käbir babatda mamla. Emma ýurdumyzyň ençeme ýyllap kesekiler tarapyndan basylyp alnandygyny hem unutmalyň. Öz ýurdumyzy halas etmek üçin güýçli goşun gerekdi. Güýçli goşuny döretmek üçin gaznada pul bolmaly. Şonuň üçin hem biz salgytlary artdyrmaly bolduk. Biz halkymyzy puldan mahrum etdik, emma Alla şükürler bolsun, öz ýurdumyzy welin, Hudaýyň hem-de siziň gylyçlaryňyzyň kömegi bilen halas etdik. Watanymyzyň serhetlerini dikeltdik. Bize öňde hem köp işler garaşýar. Size täze şany saýlamagy teklip edýärin. Mundan beýläk bu döwleti güýçli döwlete öwürmek gerek. Şonuň üçin bu mesele hakda gowy oýlanyşyň!». Nediriň teklibi birnäçe gün ara alnyp maslahatlaşylandan soň, gurultaý Nediriň özüni Eýranyň şalygyna teklip edýär. Ine, şol uly wekilçilikli gurultaýda Nedirguly sefewileriň häkimiýetden çetleşdirilmegini, ak atkeçä göterdip, türkmen töresine laýyklykda özüni şa saýlamaklaryny gazanypdyr. Ol Nedir şa ady bilen 1736 – 1747 ýyllarda Eýran döwletini kanuny esasda dolandyrypdyr. Nedir Eýranyň paýtagtyny hem gündogara – Maşada geçiripdir.

Nedir şa tagta çykanda Eýranda üstün gelen sünnüligiň dört mezhebiniň üstüne ýurduň şaýy ilatynyň jafarylyk mezhebini hem resmi derejedäki bäşinji mezhep hökmünde goşmaklygy şert edip goýupdyr. Aslynda, Nediriň mezhep agzybirligine üns bermeginiň özüne ýetesi sebäpleri bardy. Çünki ol sefewi şasy Hüseýiniň döwründe sünnüleriň yzarlanmagynyň Dagystanda, Horasanda, Kürdüstanda, Owganystanda iri gozgalaňlara getirendigine gözli şaýat bolupdy. Nedir öz döwletini döredende türkmenler bilen birlikde sünni kürtleri, owganlary, özbekleri öz tarapyna çekipdir.

Emma Nediriň mezhepleri birleşdirip, şaýylary jafarylyk

mezhebine goşmak islegi, muny iň uly sünni döwleti hökmünde osmanlylaryň goldamagyny gazanjak bolmagy asla başa barmandyr (ýeri gelende ýatlasak, Nedir şadan birnäçe asyr öň oguzlaryň halaç kowmundan bolan Alaeddin Halajy Deli sotanlygynda türkileriň indus ilatly ýerlerde berk ornaşmagy üçin dürli dine uýýan bu iki ilat üçin bir bütewi düşünjeli mezhebi döretmäge synanyşandygyny hem ýatlalyň). Nediriň dini özgertmelerden esasy maksadynyň syýasy utuş gazanmak isländigi – yslamyň mezhepleriniň arasyndaky gapma-garşylygy ýok edip, täze syýasy ideologiýany esaslandyryp, onuň baýdagynyň astynda iri yslam imperiýasyny döretmekçi bolandygy mälim. Bu maksadyna ýetmek üçin Nedir bir türki kökden dörän Osman döwletine, dostlukly gatnaşykda bolmagy yzygiderli teklip edipdir. Muňa onuň ençeme diplomatik hat alşyklary güwä geçýär. Emma Osman soltanlary Nediriň bu matlabyny syýasy hilegärlik saýyp, ony goldamandyrlar. Netijede, Owşar dinastiýasy bilen Osman döwletleriniň arasyndaky sünni umumylygyna esaslanan strategiki ýaranlygy gazanmak başartmandyr.
Nedir şanyň 1739-njy ýyldaky Hindistana ýörişi aýratyn sahypa bolup taryha girdi. Ilkinji söweşde Nedir şa Muhammediň goşunlaryny ýeňipdir. Ýogsam, şol söweşe Nedir şanyň 55 müň goşuny, Muhammet şanyň bolsa 75 müň goşuny gatnaşypdyr. Muhammet şanyň leşgeriniň ep-esli agdyklygyna garamazdan, söweşde ýeňilmegi bilen, Nedir şa¬nyň Beýik Mogollar imperiýasynyň düýbüne palta uranlygy bütin dünýä äşgär bolupdyr.
Mogol şasy Muhammediň hem türkmendigi sebäpli, Nedir ony tagtynda galdyrypdyr. Öwezine 700 mln rupiýa barabar bolan hazynany alyp, yzyna dolanypdyr. Nediriň şanyň Muhammetden alan hazynasynyň içinde dürli gymmatbaha daşlardan ýasalan dünýä belli «Tawus tagty» we mogol täjiniň bezegi göwher hem bar eken. Nedir şa Muhammediň şa tagtyny yzyna gaýtaryp berip, Deliden çykyp gaýdypdyr.
Çeşmeler Nedir şanyň Hindistandan 1000 sany pili, 7 müň sany aty, 10 müň düýäni, 130 ýazyjy-şahyry, 200 sany demirçi ussany, 300 sany binagäri, 100 sany daş ussasyny, 200 sany

agaç ussasyny alyp gaýdandygyny habar berýär. Nedir şa ýygnan şol baýlyklarynyň hasabyna öz halkyny 3 ýyllap dürli salgytlardan boşadypdyr. Şu zatlaryň hem gadyry bilinmän, 53 ýaşynda (1741 ý.) Dagystana 100 müň adamly goşun bilen ýörişe çykanda, öz janyna kast edilmäge şowsuz synanyşyk edilensoň, Nediriň hemmelere bolan müňkürligi artýar.

Hindistany eýelänsoň, Nedir şa Hywa we Buhara hanlyklaryna ýöriş guraýar. Onuň 1741 – 1743-nji ýyllarda Dagystana guran ýörişi şowsuz tamamlanypdyr. 1743 – 1746-njy ýyllarda Osman türkmenleriniň döwletine garşy uruşlar alyp barypdyr. Ol 55 ýaşynda (1743 ý.) Bagdady, Kerkugy, Mosuly, Omany eýeläpdir.

Nedir şa 1744 – 1745-nji ýyllarda Kars söweşinde ýeňiş gazanyp, Osman döwleti bilen ýaraşyk şertnamasyny baglaşýar. Emma osmanlylara garşy uruşda doly ýeňiji bolmak Nedire başartmandyr, sebäbi ýurduň öz içinde başlanan gozgalaň urşy dowam etmäge mümkinçilik bermändir. 1746-njy ýylda baglaşylan şertnama görä, iki döwletiň arasyndaky serhediň öňki-öňküligine galdyrylmagy (status-kwo) barada ylalaşylypdyr.

Şeýlelik bilen, Nedir şa gysga wagtda Sefewiler döwletiniň öňki elden gideren ýerlerini yzyna gaýtaryp alyp, döwletiniň bütewiligini dikeldipdir. Ol içeri syýasatda mezhep agzybirligini gazanjak bolupdyr. Yslamyň bu iki ugrunyň arasyndaky düşünişmezligiň soňuna çykmak isläpdir. Ol ýerli hökümdarlaryň hukuklaryny çäklendiripdir. Boýun egmek islemediklerini ýa-da närazyçylyk bildirjek bolanlaryny jezalandyrypdyr. Bu ýagdaý oňa garşy dildüwşügiň döremegine getiripdir. 1747-nji ýylda köşk dildüwşügi netijesinde Nedir şanyň janyna kast edilipdir. Dildüwşüge gatnaşanlar Nediriň ýegenini tagta geçiripdirler.

Nedir şanyň esaslandyran imperiýasy gysga wagtda döreýşi ýaly, ol ýogalansoň, gysga wagtda hem dargapdyr. Maşat şäherinde Nedir şanyň muzeýi bar we onuň eli aýpaltaly, bedewini segredip duran heýkeli owadan künjekleriň biri hasaplanýar.

Nedir şa gazaply, emma adalatly bolupdyr. Ýagşylyk we erbetlik edenleri ýadyndan çykarmandyr. Britan taryhçysy Lourens Lokhart Nedir şanyň elmydama türkmendigine buýsanandygyny, emma ene-atasynyň, kowumynyň gelip çykyşyny känbir

ýanjamandygyny ýazypdyr. Nedir şa türkmen sazyny, türkmen dutaryny gowy görüpdir. Ýanynda mydam üç-dört türkmen bagşysyny – ozanyny saklapdyr. Taryhçysy we köşk kätibi Mürze Mehdi han Astrabatla hemişe özüniň türkmendigini yzygider ýazdyrypdyr. Köşkde türkmen diliniň ähmiýetini saklap galmak maksady bilen kätibine türkmençe-parsça sözlük düzdüripdir. Abdylhekim Gulmuhammedow Seýdiniň 1926-njy ýylda neşir edilen goşgular ýygyndysyna ýazan sözbaşysynda türkmeniň owşar urugyndan bolan Nedir şa tarapyndan merkezi Eýranda ýerleşip, çägi has alyslara giňän bir türkmen hökümeti gurlansoň, «halys türkmen dilinde ýazylan kitaplar we sap türkmen dilinde goşgular goşan il goşguçylary döräp, az bir zamanda ep-esli türkmen edebiýaty ýüze çykarylypdyr» diýip ýazýar.
«Il başy – kaýy, baýat» diýen türkmen töresini ýagşy bilýän Nedir şa Osman neberesiniň oguzlaryň iň asyl kaýy boýundandygyny ykrar edipdir. Özbek hanlaryny hem asylly soýdan gelip çykan hökmünde sylapdyr. Nedir hatda Teýmir agsak ýaly Uzak Gündogara ýöriş etmegiň hem pikirini edipdir. Hindistany tas tutuşlygyna diýen ýaly birleşdiren ilkinji türkmen hökümdary – Deli türkmenleriniň soltany Alaeddin Halaç hem öz döwründe şeýle hyýala münüpdi. Munuň üçin Nedir şa 1744-nji ýylda Merwi dikeldip, daýanç nokadyna öwürmek, Horasanyň hemme ýerlerinden Merwe ilaty göçürmek barada perman çykarypdyr. Gurluşyga Horasanyň dürli ýerlerinden 10 müň adamy jemläpdir. Nedir şa Soltanbendi dikeldip, Murgabyň akaba suwuny we ähli ekin meýdanlaryny döwletiň emlägi diýip yglan edipdir. Nedir Merwde harby taýýarlyk işlerini-de geçiripdir, gorhanalar açypdyr, top, zemburek (falkonet) ýasadypdyr, ok-däri taýynladypdyr. Başgaça aýdanyňda, Nedir Merwi harby-strategiki merkeze öwürýär.
Nedir şanyň Hindistandaky bir permany onuň dünýäsini has doly açýar. Şa permanynda Hindistandaky patyşalaryň hem türkmendigini buýsanç bilen nygtap, basyp alan şäheri Delide ýene öňki patyşany – Muhammedi patyşa belländigi, onuň türkmen¬digi, mundan beýläk Muhammet patyşanyň her ýyl özüne salgyt tölemelidigi aýdylýar. Türkmen töresine wepaly Nedir şa agtyklaryna Oguz han, Ýyldyz han ýaly atlary dakypdyr.

Nedir şanyň galagoply döwründe syýasatda güýjüň esasy seresi harby kuwwat – goşun hasaplanypdyr. Şeýle bolansoň, Nedir şa öz kowumdaşlaryndan, ýagny türkmen tire-taýpalaryndan özüne ynamdar goşuny döretmäge aýratyn üns beripdir. 1739-njy ýylda Nedir şa Hindistana ýöriş edende, gökleňlerden bolan Hanaly han öz atlylary bilen söweşiň öňüni başlapdyr. Hanaly han Gökleň Nedir şanyň huzurynda bolup, atly goşunlara baştutanlyk edip, onuň ähli ýörişlerine gatnaşypdyr. Hindistana ýörişinde Nedir şany owşar, teke, gajar, ýomut, gökleň taýpalary işjeň goldapdyr. Emma, gynansak-da, ähli türkmen taýpalary Nediriň düzen goşunynda gulluk etmäge döwtalap bolup durmandyrlar. Aýratyn-da, bu meselede harby gullukda Hywa hanyna sadyklygyna galan Horezm türkmenleriniň Nedire gulluk etmäge asla boýun bolmandygyny bellemek gerek. 1740-njy ýylyň oktýabrynda Nedir şanyň Hywa ýörişinde Pitnegiň golaýynda 6 müň türkmen atlysy Muhammedaly uşagyň baştutanlygynda aýratyn gahrymançylyk we tutanýerlilik bilen söweşipdirler. Güýçleriň deň gelmejegine göz ýetiren türkmenler yza çekilmäge mejbur bolýarlar. Muňa garamazdan, tekelerden, ýomutlardan we beýleki türkmen taýpalaryndan düzülen atly goşunlar häli-şindi Nedir sanyň leşgerleriniň üstüne çozuş edipdirler. Ýeri gelende bellesek, Gowşut hanyň atasy Akmämmet serdar Nedir şanyň Hywa ýöriş eden zamanynda (1740 ý.) teke-ýomut bileleşigine baştutan bolup söweşen ekeni.

Nedir şanyň türkmenler babatda ýöreden syýasatyna birtaraplaýyn baha bermek onuň uýan asyl maksadyna düşünmezlik bolardy. Çünki üns berilse, Nedir şanyň ýöriş guran ýurtlary we döwletleri (Owganystan, Hindistan, Hywa we Buhara hanlyklary, Kawkaz, Yrak, Anadoly) türkmenleriň köpçülikleýin ýaşaýan ýurtlarydy. Iň esasy-da, türkmenler agzalan ýurtlarda ozal döwlet döredipdiler ýa-da Nediriň ýöriş eden döwründe dowam edýän döwletlerde özleriniň harby kuwwaty bilen şol döwletleriň syýasatyny öz bähbidine gönükdirip bilen täsirli harby-syýasy güýçdüler. Ana, şol hakykata düşünen Nedir şa öz kowumdaşlarynyň güýjüne daýanyp, ony gadymy oguz taýpasy bolan owşarlaryň baýdagynyň astynda jemläp, öz döreden döwletiniň döwrüniň geosyýasatyna täsirini ýetirjek imperiýa öwrülmeginde

oňyn maksatlar üçin ulanmakçy bolupdy. Munuň üçin, ilkinji çözmeli mesele – kowumdaşlarynyň özüniň uzaklary nazarlaýan maksadyna meýletinlikde dogry düşünmegidi. Nedir şa ähli türkmenleri bir gola jemlemek maksady bilen ilki mylakat sözi, onuň geçmedik ýerinde bolsa gara güýji ulanypdyr.
Başgaça aýdylanda, meseläni ilki zor bilen däl-de, zer bilen çözmäge ymtylan Nedir şa türkmen serdarlaryny öz tarapyna çekmekçi bolup, olara ýer, ummasyz pul, baýlyk, olja paýlap bermegi wada edipdir, emeldarlyk derejelerini bagyşlapdyr. Hususan-da, Nedir Horezm türkmenleriniň ählisine öz goşunynda gulluk etmegi teklip edipdir, Hywa zyndanlarynda oturan ähli türkmenleri we özbekleri azatlyga goýberipdir. Taryhçy Ö.Gündogdyýew Nedir şanyň 1740-njy ýylda Hywa hanlygyna ýörişinden soň ol ülkedäki ähli türkmenlere öz goşunynda gulluk etmegi teklip edendigini, tekelere bolsa özüne eden kömegi üçin 500 sany arassa ganly ahalteke bedewini peşgeş berendigini ýazýar. Elbetde, Nedir şanyň teklibine seslenip, Ýakyn Gündogara ýörişlerinde onuň ýanynda bolan türkmenleriň sany az bolmandyr. Emma Nedir türkmenleriň Eýran baýdagynyň astynda jemlenmegini welin gazanyp bilmändir. Türkmen kowumdaşlarynyň hemmesinden özüni goldar diýen tamasy çykmansoň, Nediriň erkin türkmenlere garşy zulumy güýçlenipdir. Boýunegmezek taýpalaryň obalaryny, suwaryş desgalaryny weýran edilipdir. Bu bolsa şanyň gazaply sütemine garşy türkmen taýpalaryny aýaga galdyrypdyr. Iri gozgalaňlaryň biri 1730-njy ýylda bolup, oňa dürli türkmen taýpalaryndan 10 müňe golaý adam gatnaşypdyr.
Nedir şanyň türkmenleri ähli ýerden zorluk bilen Eýrana göçürmek we olardan öz leşgerine nöker ýygnamak hyýaly başa barmandyr. Türkmenler jemlenip, Nedir şanyň iberýän jeza beriji ýörişlerini derbi-dagyn edipdirler, türkmenleriň özleri-de köp pidalary çekmeli bolupdyr. Nediriň türkmenlere agyr salgyt salyp, olary dyza çökermek matlaby-da başa barmandyr. 1747-nji ýylda Nedir şa Merwiň ilatyna 850 müň tümen salgyt salypdyr. Nedir sanyň serkerdeleri salgyt töläp bilmedik adamlary jezalandyrypdyrlar.
Nedir şa gadymy türkmen harby sungatynyň dürli tilsimlerini

ýöriş guran ýurtlarynyň ýerli şertine laýyklykda ussatlyk bilen ulanan ajaýyp strateg serkerdedir. 1740-njy ýylyň awgustynda Buhara garşy ýörişinde Kerki galasynyň ýanynda agyr leşgeri derýanyň sag kenaryna geçirmek üçin Nediriň buýrugy boýunça derýa bilen ýüzüp gelen gaýyklardan üç günüň içinde ýüzme köpri gurlupdyr. Atly goşunlaryň bir bölegi derýadan eýerleriniň iki gapdalyna ýel berip çişirilen tulumlary (torsuk) daňyp, ýüzüp geçipdirler. Harby gulluga tüpeňçi bolup başlan Nedir sowuk ýaraglaryň harby taktikada möwritiniň geçendigini bilip, ot açýan ýaraglary, esasan, artilleriýany söweşde ulanmaga artykmaçlyk beripdir. Goşunyndakylaryň uludan-kiçä hemmesini diýen ýaly ýatdan bilipdir. Wagtal-wagtal goşunynyň arasyna aýlanyp, olaryň hal-ahwalyny sorapdyr. Şa köşgünde ýaşan iňlis syýahatçysy Jonas Henweýiň şaýatlyk etmegine görä, «Nedir ýörişde ýa şäherde bolsun, tapawudy ýok, köpçüligiň arasynda bolardy. Goşunyny özi toplap, özi iýdirip, özi hak-heşdek tölärdi. Öz tabynlygynda haçan gulluk edendigine garamazdan, islendik nökerini ýatdan bilipdir, kimi haçan we näme üçin sylaglandygyny ýa-da jezalandyrandygyny ýadyndan çykarmandyr. Gatnaşan söweşlerinde, çaknyşyklarynda, gala gabawlarynda özi goşuna serkerdelik eden bolsa-da, ýekeje gezek hem ýaralanmandyr».
Nedir şa goşunynda töwekgelligi, batyrlygy, ugurtapyjylygy terbiýeläpdir. Nedir şanyň goşunynda kesearkaçly ýigitlere serdarlyk eden, şeýle häsiýetleri özünde jemlän Agöýli serdar hakda şeýle rowaýat saklanyp galypdyr.
Bir gezek agyr ýagdaýa düşüpdirler. Garşydaşlarynyň goşuny iki-üç esse artyk eken. Muny gören esgerleriň howy basylyp ugrapdyr. Nedir şa hem onuň serkerdeleri howsala düşüpdirler. Yza gaçmak – masgaraçylyk. Esgerlerde ynam bolmasa-da, ýeňiş gazanmak kyn düşer. Maksat aýdyň: diňe ýeňmeli.
Agöýli serdar özüniň kesearkaçly ýigitleriniň ýanynda duran ýerinden ähli ýagdaýy synlapdyr. Birdenem, töwekgellik etmegi ýüregine düwüpdir. Ol atyny gorduryp, Nedir şanyň serkerdeleriniň üýşüp duran ýerine barypdyr.
Agöýli serdarda köne bir dinar bar eken. Ol goltugyndan dinary çykaryp, adamlara görkezipdir:

– Adamlar, ah-ow, adamlar, meni diňläň. Men häzir bije atmakçy. Şu dinary ýokary zyňaryn. Eger dinar ýere düşende onuň goçly tarapy ýokary bolup ýatsa, onda Allanyň bizi ýalkajakdygy. Eger ýazgyly tarapy ýokary bolsa, onda Allatagalanyň o tarapdalygy. Kimiň ýeňjekdigini Allatagala çözýär.
Serkerdeler hiç zat diýmäge ýetişmeýärler. Dinar eýýäm ýokary zyňylypdy. Adamlar dinaryň zyňylan tarapyna eňdiler. Birdenem, gowur al-asmana galdy.
– Alla bizlik!
– Biz ýeňýäris!
– Goçly tarap ýokary boldy.
– Nedir şa ýeňýär!
Ana, şol Agöýli serdar Nedir şanyň türkmen sazyny, türkmen dutaryny gowy görendigini, ýanynda mydam üç-dört bagşy saklandygyny, käte olardan dutar alyp, saz çalandygyny gürrüň berer eken.
Nedir şanyň ady hemişe onuň döwürdeşi Keýmir kör bilen bilelikde agzalýar. Wasda bolan ýyllarynda Keýmir Hywa hanynyň zyndanynda saklanýan Nedir bilen dostlaşýar. Düýegöz aganyň üsti bilen Keýmir Nediriň azat edilmegine-de gatnaşýar.
Taryhçy Ö.Gündogdyýew «Türkmenleriň taryhynda orta asyr beýik serkerdeleri» atly kitabynda Bagyrda ýaşan Anna aganyň dilinden ýazyp alan şu rowaýatyny getirýär: Bir aýagy bilen agsaklap, gaçyp barýan mahaly Nedire Nusaý galasynyň diwarlaryndan tekeleriň meşhur serdary Keýmir kör gygyryp:
– Eý, ýigit, eger seni kowalaýan şu ala-tozan turzup gelýän atlylar bolsa, onda magat bil – sen uzaga gitmersiň.
Keýmir şonda aýak çekip, özüne dikanlap sereden gaçgagyň gözünde gorkudan nam-nyşanyň ýokdugyny görüpdir. Gaçgagyň nazary dogumlydy, hökmürowandy. «Eger sen maňa kömek etmek isleseň, onda maňa ýüwrük bedew ber, Nedirguly muny ýatdan çykarmaz» – diýip, geljekki şa Nedirguly Keýmire jogap beripdir.
Keýmir kör bir bedewiň jylawyny onuň eline tutdurypdyr-da:
– Nedir, şa bolanyňdan soň, meniň bu ýagşylygymy ýatdan çykaraýma! – diýipdir.

Keýmir 24 ýaşynda mahaly 48 ýaşly Nedir Eýranda şa bolýar. Ol Keýmir bilen soň hem ençeme gezek duşuşypdyr. Aýtmaklaryna görä, Nedir şa bolansoň, özüne tabyn bolmadyk tekeleriň üstüne ýöriş edýär. Uly ýygyn bilen Keýmir körüň daşyny gabaýar. Onuň nökerleri şanyň hüjüm permanyna garaşypdyrlar. Emma depäniň üstünde bu görnüşi synlap duran Nedir gabawy aýryp, olary öz ugruna gitmäge rugsat beripdir. Professor Ö.Gündogdyýew bu rowaýatyň Nedir şanyň şahsyýetiniň iň gowy häsiýetnamasydygyny nygtaýar.
Sagdy şahyrda: «Batyrlyk – eliň dogumlylygynda we gylyç oýnadyp bilşiňe däl-de, özüňe erk edip bilşiňde hem-de adalatlylygyňdadyr» diýen ganatly sözler bar. Nedir şa hut şu sözleri öz şalygynda edil tumar dakynan ýaly özüne hemra edinipdir. Ol hiç haçan adalaty elden bermezlige çalşypdyr. Hut şu häsiýeti bilen-de özüne tutuş Aziýanyň dörtden birine barabar bölegini tabyn eden goşun toplamagy başarypdyr. Sebäbi ol uly ýeňişlerinden soň gazanan oljasynyň bir bölegini sahylyk hem adalat bilen goşunyna paýlapdyr. Kabul şäherine girende ilata rehim edipdir, olaryň emlägine el degirtmändir. Öz jarçylaryna esgerleriniň şäheriň ilatyna el galdyran halatynda, olara ölümiň garaşýandygy baradaky permanyny uly sesi bilen ýetirmegini emr edipdir. Edil şeýle ýagdaý ol Jahanabat atly hindi şäherine girende hem gaýtalanypdyr. Nedir eýelän ýurtlarynda ýesirleriň köpüsine aman beripdir.
Britan diplomaty we ýazyjysy Persi Saýks «Persiýanyň taryhy» kitabynda Nedir şa barada şeýle ýazýar: «Aziýany iň soňky beýik eýeleýji Nedir şa özüniň hemişe Watany hasaplan Horasanda doguldy we önüp-ösdi. Men onuň doglan ýerine, şeýle hem Kelat-i Nedire we beýik owşaryň ady bilen bagly beýleki etraplara baryp gördüm. Onuň nebereleriniň hem käbiri bilen men tanyş. Şol sebäpli-de pars dostlarymyň maňa aýdyşlary ýaly, ady Horasanyň üstünden entegem magallaklap duran bu gahryman baradaky rowaýatlary we taryhy wakalary gürrüň berip biljek».
Hristianlaryň iýeuzit mezhebiniň görnükli wekili Lui Bazen Nedir şanyň köpgyraňly şahsyýetini şeýle häsiýetlendirýär: «Özüniň asylzadalardan bolmadyk gelip çykyşyna garamazdan,

ýönekeý çopan ogullygyndan tagt üçin doglan ýalydy. Tebigat ony gahrymanlary, hatda şalary döredýän ähli beýik häsiýetler bilen bezäpdir… onuň boýalan sakgaly bilen çalaran saçynyň arasynda tapawut mesaňady; bedeni güýçli hem berkdi, ýüzi tutuksydy, hopukdyryjydy, ol Güne gaýzygan süýri ýüzlüdi, bürgüt bakyşly we goç burunlydy. Owadan agzynyň aşaky dodagy biraz öňe çykyp durdy. Onuň inçeden gelen we içiňden geçip barýan ýiti nazary bardy. Sesi gatydan gelen gödeksiräk ýaňlansa-da, Nedir gerek ýerinde şahsy bähbidi üçin ýa-da kejine tutanda äheňini nazym bilen peseldip hem bilýärdi… Ony şol bir wagtda söýýärdiler, gorkýardylar we gargaýardylar».
Beýleki bir iýeuzit Pýer Bazen Gündogaryň Ýolbarsy hakynda şeýle ýazgy galdyrypdyr: «Ol Osman imperiýasyna gorky salypdy, Hindistany eýeleýjidi, Persiýanyň we tutuş Aziýanyň hökümdarydy. Goňşulary sylaýardy, duşmanlary ondan tisginerdi, emma öz tabynlygyndakylaryň söýgüsi welin, oňa kemterlik edýärdi».
Nedir şanyň köşgünde ýaşan iňlis syýahatçysy Jonas Henweý bolsa oňa örän beletlik bilen şeýle häsiýetnama beripdir: «Nedir şa boýy 6 futa (182 sm) ýetýän, berk beden gurluşlydy. Şemala çawlanyp, jöwzada taplanan ýüz keşbi oňa has batyrgaý görnüş berýärdi. Nediriň haýbatly sesi bardy welin, hatda 100 ýard (1 ýard – 91,4 sm) gowrak aralykdan anyk eşidilerdi. Şeýdip, ol sesine bat bermezden, söweş hataryndaky batyrlaryna emrini ýetirip bilýärdi… Ýörişde ýa şäherde bolsun, tapawudy ýok, köpçüligiň arasynda bolardy… iýmiti sadady, döwlet işleri köp bolan halatynda, diňe hemişe jübüsinde göterýän gowrulan nohut we bir ýuwdum suw bilen oňňut ederdi. Tertip-düzgüne gezek gelende örän berkdi, gazaplydy… kimdigine garamazdan, günälini jezasyz goýmazdy. Örän çydamly bolup, hatda aýazly gijelerde hem eýerini ýassyk, ýapynjasyny ýorgan edinip ýatardy. Hususy söhbetdeşlik mahaly hiç kime döwlet işleri hakda agzamaga ýol bermändir… kimi haçan we näme üçin sylaglandygyny ýa-da jezalandyrandygyny ýadyndan çykarmandyr».
1732-nji ýylda Sefewi köşgünde geçiren agdarylyşygyndan hem-de Osman imperiýasyna eden ýörişinden soň Nedir ýewropalylaryň gözüne ilýär. 1738-nji ýylda nemes awtory Dawid Fassman «Pars

monarhy Nedir şanyň gelip çykyşy, durmuşy we hyzmatlary» atly 770 sahypadan ybarat işini ýazypdyr. 1908-nji ýylda britan diplomaty Genri Mortimer Dýurand «Nedir şa» romanyny neşir etdirýär.

«Adamzadyň öňe hereket etmeginiň çarkandakly ýoluny öz hyzmatlary bilen mysaly daň ýyldyzy kimin ýagtylandyrýan beýik adamlaryň diri mahaly ykrar edilmegi örän seýrek hadysadyr. Köplenç, olaryň ummasyz zähmetine hakyky bolmalysy ýaly baha olaryň nesilleri tarapyndan berilýär. Bu adamlar öz ýaşaýan döwründen öňe gidýärler. Birnäçe onýyllyklar, hatda ýüzýyllyklar geçensoň, olaryň atlary adamzadyň taryhy hakyda kitabyna altyn harplar bilen ýazylýar. Şeýlelikde, hemmä mälim bir hakykatyň dogrudygyna ýene-de bir sapar göz ýetirýärsiň – taryh iň adyl kazy bolup, ol hemmä öz hyzmatlaryna görä baha berýär». Hawa, rus alymy, professor W.I.Kuznesowyň bu sözleri Nedir şa babatda-da dogrudyr.

Başga bir rus taryhçysy, «Çingiz hanyň garşydaşy: horezmşa Jelaleddin Menguberdi, şahsyýeti we zamanasy» atly monografiýany (Moskwa, 2013) ýazan rus alymy D.M.Timohiniň: «Taryhy şahsyň bitewi şekilini onuň ähli gowşaklygy, nogsanlyklary, goýberen ýalňyşlary we nälaýyk hereketleri bilen bilelikde gaýtadan dikeltmek zerur» diýen pikirini meşhur türkmen şahsyýeti Nedir şa we onuň taryhda bitiren hyzmaty hakda-da biz taryhçylaryň dürs ulanmagymyz gerek. Diňe şonda biziň şu günki we geljekki nesillere türkmeniň buýsançly taryhyny hakyky keşbinde dikeldip görkezdigimiz bolardy.

Jumamyrat GURBANGELDIÝEW,
taryh ylymlarynyň kandidaty.

«Dünýä edebiýaty» žurnaly, №3. – 2022 ý. Taryhy makalalar